# Abutalyp aýdypdyr… (Hekaýa)

Category: Hekaýalar
написано kitapcy | 20 февраля, 2025



***Abutalyp GAFUROW,***
***dagystanly ýazyjy***

Bir ýola men Abutalyba Hindistanda şeýlebir adamlar bar, olar hatda tüýdügiň sazyna goşup zäherli ýylanlaram tans etmäge mejbur edýärler diýdim. Abutalyp şeý diýdi:

– Saz diýýänleri ägirt uly güýçdür, Rasul. Biziň çopanlarymyz tüýdük çalyp, dag tekelerinem tans etdirýärler. Sazyň sesini eşiden iň bir ýyrtyjy haýwanlar hem adama ýakyn gelýärler. Men bir sapar aýylaryň saza goşup urganyň üstünde tans edenlerinem görüpdim. Sazyň owazyna ýyldyzlaram ýiti şöhle saçýarlar, adamlara täzeden jan gelýär, garyň üstünde ter güller açylýar. Şeýle bir waka öz başymdanam geçipdi. Surnaý çalmagy gowy görýänim-ä bilýänsiň-le. Meň üçin surnaýdan ajaýyp senet ýok. Nireden surnaýyň sesi gelse, adamlaram şo tarapa howlugýalar. Surnaý çalynýan bolsa, diýmek, haýsydyr bir gowy hadysa bolandyr. Ýa ogul perzent dünýä inendir, ýa-da toý tutýandyrlar, ýa-da çapyşykda ozan at baýrak alandyr. Surnaý – Dagystanyň baş saz

guraly. Ýaş wagtlarym ol meni ekledi. Häzirki şahyrlaryň islendik saza goşgy ýazmaga taýýar bolşy ýaly, gör, näçe dagly meniň surnaýyma goşup tans edendir. Aýtsam, bir ýola surnaýymy alyp alysdaky obalaryň birine gitdim. Gyş aýlarydy. Ýollary gar basypdy. Ýol aşmak kyndy. Men gaty ýadap, bir daşyň üstünde dyz epdim. Birdenkä ýolda goşa at goşulan kaşaň paýtun peýda boldy. Atlaryň biri akdy, beýlekisiniň – maňlaýy depelli. Paýtundakylar gaty şadyýandylar. Geýnüwlidiler.

– Essalawmaleýkim.
– Waleýkimessalam.
– Barmaly ýeriňiz uzakmy?
– Toýa barýas.
– Menem toýa barýan-da, äkitseňiz-le.
Paýtuna mündürmekden-ä geçen, içiňi ýakaýyn diýen ýaly, üstümden güldüler. Olaryň biri: «Indiki toýa ýetişersiň-dä» diýip goýberdi.

Şonda gaharym gelip, surnaýymy aldym-da, çalyp başladym. Köp wagtlap şeýle hyjuw bilen çalmandym. Surnaýyň sesini eşiden atlar dikilen gazyk ýaly sarsman durdular. Paýtunçy näçe jan etse-de, arkalaryny gamçy bilen näçe saýgylasa-da, olar duran ýerlerinde aýaklaryny çalşyryp durdular. Toýa barýanlar maňa haýbat atyp başlansoňlar, saz çalmamy bes etdim. Ýöne adamlar paýtuna münen badyna, atlaram ýuwaşjadan ýerinden gozganan halaty ýene-de çalyp başladym. Biziň jedelimiz juda uzaga çekdi. Ahyry meni paýtuna mündürdiler, toýa biçäre surnaýçy däl-de, baý adam ýaly bolup bardym. Saz diýlen närse, gör, nähili eken.

Abutalyp az-kem dymdy-da, sözüniň üstüni ýetirdi:

– Sazsyz ýaşaýyş, edil sessiz hem ganatsyz durna mysaly bir zatdyr. Eger durnalar diňe saýrap oňup, asmanda uçmasa, onda olardan durna bolmaz. Eger sessiz uçýan bolsalaram, olara durna diýip bolmaz. Sazsyz durmuşam edil şonuň ýaly.

Men bir ýola Abutalypdan onuň Dagystanyň ähli saz gurallaryn-

da: surnaýda-da, tüýdükde-de, kumuzda-da, ***( Kumuz – dagystanlylaryň çirtilip çalynýan üç kirişli saz guraly.)*** lal-da-da ***( Lal – kawkazlylaryň saz guraly.)*** saz çalyp, deprek kakmagy başaryp, näme üçin çaganda ***( Çagan – kemençe bilen çalynýan dört kirişli kawkaz saz guraly. )*** saz çalmaýandygy barada soradym. Çagan daglylaryň iň gowy görýän senedi ahyryn. Abutalyp şeýle diýdi:

– Ýaş wagtlarym men çagan saz guralyny çalardym, ýöne soň ony taşladym. Bu, ynha, şeýle boldy. Günlerde bir gün biziň obamyza bir keseki kişi göçüp geldi. Ol Awarystandan gelen eken. Ol ar alynmagyndan howatyrlanyp, heläkçilikden halas boljak bolup, başyny alyp gaçyp gelipdir. Ol, elbetde, obanyň bir çetinde goş basdy, daşky görnüşinden çen tutsaň, ejir baryny çeken bolmaly. Adamlar onuň ýanyna barmaýardylar, ol hem hiç kes bilen gatnaşmaýardy. Şeýdip ýalňyzlykda ýaşap ýördi. Men az-kem awarça bilýärdim. Onuň ýanyna baryp göwnüni götermeli, göwnüne teselli bermeli diýen karara geldim. Çaganymam ýanyma alyp, onuňka bardym.Ýekirilen kişi saman ýanýan ojagyň başynda otyrdy. Megerem, gazanjygyň içinde-de saman gaýnaýan bolaýmasa. Men çaganyň sazyna goşup birnäçe aýdym aýtdym. Soňra ol birdenkä meniň elimdäki senedimi aldy. Ony öz sesine sazlap düzdi-de, çalyp başlady. Ol şeýlebir çaldy welin, şindi-şindilerem onuň çalan sazlary gulagymda ýaňlanyp duran ýaly. Çagan onuň ellerinde edil agyr hasrata batan zenan ýaly zarynlaýardy. Ol sazlarda kän zatlar bardy: gynanjam, öýke-kine-de, gam-gussa-da, dilegem, ýalbarma-da, umydam, yza-da, agyr derdem duýulýardy. Ot öçügsi ýylpyldaýardy, biziň ikimizem çaganyň owazyna goşup aglaýardyk. Men öz senedimi oňa galdyryp öýüme gaýtdym. Gussaly daglynyň mukamlary uzak-uzak wagt gulaklarymdan gitmedi. Men onuň üýtgeşik sazlaryny iň bolmanda uzagrakdan diňlemek üçin wagtal-wagtal öýüniň töwereginde gezmelärdim. Ahyrynda men, ynha, şeýtdim: Awarystana gitdim, onuň duşmanlaryny tapdym-da, öz obamyza getirdim. Men olary sazandanyň öýüne eltdim, onuň saz çalşyny diňletdim. Biz üç günläp öýüniň penjiresiniň öňünde oturyp, onuň sazlaryny diňledik. Dördünji gün diýlende onuň bosagasyndan ätledik.

Öçlüler sazanda: «Biz seni bagyşlaýarys. Goşlaryňy düw, biz bilen oba gidersiň» diýdiler. Ynha, görşüň ýaly, saz nähili gudratly närse eken. Ol ugramazyndan öň maňa çagany gaýdyp berjek boldy, ýöne men almadym. Men edil şonuň çalşy ýaly hiç haçanam çalyp bilmejegime düşündim. Saz hem goşgy ýaly bir zat: ýa çalan şekilli çal, ýa-da gowusy, başyna barma. Ine, şondan bärem henize-bu güne çenli çaganda saz çalamok.

***Rusçasyndan terjime eden Myrat GOŞLYÝEW***